# Seýdini gören tut

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Seýdini gören tut SEÝDINI GÖREN TUT

Ezizow Muhammet – garabekli dost, –
Alyp gitdi bizi pagta meýdanna.
Daş-töwerek joşup, edýärdi telwas,
Ýygymçylar bäs edişil haýdanda.

Görkezdi bir tudy – dagyň bölegi,
Her şahasy – goç ýigidiň bilegi.
Adam dilegidi tuduň dilegi:
Parahatlyk bolsun ýerde, asmanda!

Pagtaçylar çaýa geldi dessine,
Ýygnandylar ägirt tuduň astyna.
Seýdi çykdy munda duşman kastyna
«Beglerini» owaz bilen aýdanda.

Kä halatlar atyn tuda baglady,
Nagra tartyp, gara bagryn daglady,
Goşgy ýazdy, goşgy bilen aglady
Bir mahallar şu ýalazy meýdanda.

Seýdini ýatladyk, okadyk şygyr,
Şahyr deňsizlikden bolupdyr ýagyr…
…Ýene-de kän zady syzdy bu bagyr
Gözeller Seýdiden aýdym aýdanda.

Geçmişde jigerin oda basan tut,
Asyrlaň heroine gadam basan tut.
Seýdini ýatlamda bir gez ösen tut
Guçýan seni her baramda, gaýdamda.

Saparmyrat ÖWEZBERDIÝEW. Goşgular